Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda parahatçylyk we döredijilik ýoly bilen ynamly öňe barýan Garassyz Türkmenistanyň taryhynda, “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly” diýip atlandyrylan bu ýylda özygtyýarly Türkmenistan dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň berkidilen gününiň 30 ýyllygyny baýram edýär. Mälim bolşy ýaly, öz gözbaşyny 1995-nji yylyň 12-nji dekabrynda hemişelik Bitaraplyk derejesine eýe bolan ata Watanymyzyň Ýer ýüzündäki abraý derejesi, şan-şöhraty barha artýar.2015-nji ýylyň iýun aýynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 69-njy mejlisinde 193 döwlet tarapyndan “Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy” rezolýusiýasynyň gaýtadan biragyzdan kabul edilmegi hem muny tassyklaýar. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2017-nji yylyň 2-nji fewralynda bolup geçen 71-nji mejlisinde bolsa her ýylyň 12-nji dekabryny Halkara Bitaraplyk güni diýip yglan etmek hakyndaky rezolýusiýa biragyzdan kabul edildi. Şeýle mazmunly rezolýusiýanyň biragyzdan kabul edilmegi Türkmenistan döwletimiziň dünýä arenasyndaky abraýynyň örän ýokarydygyny ýene-de bir gezek subut etdi. Şondan bäri 12-nji dekabrda diňe bir Türkmenistan döwletimizde däl, eýsem tutuş Ýer togalagynda Bitaraplyk güni ruhubelent ýagdaýda bellenilip geçilýär. Munuň özi Bitaraplygyň türkmen nusgasynyň Zemin içre özboluşly goldaw tapmasy we dabaralanmasy bolup ýaňlanýar. Hut şonuň üçin hem hemişelik Bitaraplygyň biziň halkymyza beren egsilmez bagty barada bu gün ýene bir gezek pikir öwürmek örän ýerliklidir.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy sözüň doly manysynda özboluşly nusgawy häsiýete eýedir. Öz döwründe Şweýsariýa, Belgiýa, Awstriýa ýaly döwletler Bitaraplyk derejesine eýe bolupdylar. Ýöne olaryň bu derejä eýe bolmaklary sebitiň döwletleriniň şol döwürlerde alyp baran syýasatlarynyň netijesinde emele gelen taryhy ýagdaý bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Bu gün türkmen halky ata-babalarymyzyň asyrlar boýy arzuw edip gelen, beyik akyldar Magtymguly Pyragynyň “Gurdugym aslynda, bilgil, bu zeminiň myhydyr, Erer ol erkin mydam, budur türkmen binasy, diyip, ruhy taýdan esaslandyran berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ýaşaýar. Hormatly Prezidentimiziň öňe sürýän geljegi nazarlaýan oňyn başlangyçlarynyň düýp esasynda halkymyzyň wagyz edýän parahatçylyk söýüjilik, ynsanperwerlik, açyklyk ýaly asyrlarboýy türkmen halkynyň aňyna siňen yörelgeleri ýatyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň dowam edýän Bitaraplyk taglymaty hem öňegidişliklere beslenýär. Bitaraplygyň türkmen nusgasynyň ganatynda döwletimiziň alyp barýan halkara gatnaşyklarynyň hataryndan iri maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlygyň hem oňyn paýy bar. Şol guramalaryň arasyndan Halkara pul gaznasy, Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş banky, Aziýa ösüş banky we Yslam ösüş banky bilen hyzmatdaşlyk has ýokary derejelere göterilendir. Birleşen Milletler

Все права защищены

Guramasynyň ýöriteleşdirilen edarasy bolan Halkara pul gaznasy Türkmenistanyň köpden bäri strategik hyzmatdaşlarynyň biri bolup durýar. Biziň ýurdumyzyň bu iri maliýe düzümi bilen hyzmatdaşlygy birnäçe ugurlar boýunça amala aşyrylýar. Abraýly halkara maliýe guramasy tarapyndan milli ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmak boýunça netijeli ädimleriň goldanylmagy we ykrar edilmegi Türkmenistanda amala aşyrylýan özgertmeleriň öz wagtynda geçirilýändiginiň hem-de örän derwaýysdygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmenistan döwletimiz Bitaraplyk ýörelgesine ygrarly bolup, halkara gatnaşyklarynyň parahatçylykly ýol bilen ösdürilmegine, ählumumy howpsuzlygy we durnukly ösüşiň üpjün edilmegine uly goşant goşýar.

**Gülnur ŞAMYRADOWA**
**Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet**
**mugallymçylyk institutynyň talyby**

Все права защищены